**Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça 2011-2015-nji ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy boýunça Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan 2015-nji ýylyň birinji ýarymynda ýerine ýetirilen işler**

| Maksat-nama-daky belgisi | Tertip belgisi | Çäreleriň sanawy | Ýerine ýetirmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler | **Ýerine ýetirilişi** |
|---|---|---|---|---|---|
| 11570 | 14 | Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde kiçi we orta telekeçilik işjeňligini giňden wagyz etmek | 2011-2015 -nji ýyllar | Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Strategik meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş instituty, Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi | Türkmenstatyň döwlete dahylsyz böleginiň statistikasy müdirliginiň işgärleri tarapyndan 2015-nji ýylyň 10-14-nji fewral aralygynda welaýatlar we Aşgabat ş. statistiki müdirlikleriniň işgärleri üçin täze iş ýerleriniň döredilmeginiň halkara tejribesine syn bermek boýunça seminar geçirildi. Seminar Türkmenistanda telekeçiligi ösdürmegiň döwlet tarapyndan goldalmagy meseleleri boýunça işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.<br>2015-nji ýylyň 17-nji aprelinde Türkmenabad ş., 2015-nji ýylyň 14-nji maýynda Mary ş., 2015-nji ýylyň 11-nji iýunynda Daşoguz ş., ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň hususy telekeçileri üçin “Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz sektorynyň ygtyýarlylandyrma işlerini statistik taýdan hasaba almak” temasy boýunça okuw seminarlary geçirildi.<br>“2014-nji ýylda Türkmenistanyň erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryndaky kärhanalaryň işi” atly statistik ýygyndysy taýýarlandy. |

| Maksat-nama-daky belgisi | Tertip belgisi | Çäreleriň sanawy | Ýerine ýetirmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler | **Ýerine ýetirilişi** |
|---|---|---|---|---|---|
| 11570 | 17 | Kiçi we orta telekeçilikde statistika hasabatlar ulgamyny seljermek hem-de olary kämilleşdirmek | 2011-2015 -nji ýyllar | Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Strategik meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş instituty, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi | Türkmenstatyň döwlete dahylsyz böleginiň statistikasy müdirliginiň işgärleri (şol sanda Aşgabat ş. statistika müdirliginiň işgärleri) 2015-nji ýylyň 17-18-nji martynda paýtagtyň Sergi merkezinde geçirilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň sergisinde gurnalan hususy önüm öndürijileriň gazananlary bilen tanyşdylar. |